THE ASHGABAT TIMES

# Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekili N. Saakýanyň «Ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde zenanlaryň orny» atly maslahatda eden çykyşy

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekili Narine Saakýan öz çykyşynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň wezipelerinde we Durnukly Ösüş Maksatlarynda esasy orny eýeleýän tema, ýagny ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde zenanlaryň ornuna bagyşlanylan  maslahata gatnaşmagyň özi üçin uly mertebedigini belledi. Parahatçylygyň üpjün edilmegi boýunça zenanlaryň gatnaşmagynda geçirilen gepleşikleriň 35 göteriminde ylalaşyklaryň gazanylandygyny seljerme barlaglarynyň görkezendigini aýtdy. Munuň özüniň zenanlaryň pikir-garaýyşlaryna, ynsanperwer başlangyçlaryna, tutanýerliligine uly ornuň degişlidigini görkezýändigini nygtady.

Ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde zenanlaryň ornunyň ýokarlandyrylmagynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen döredilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň ähmiýeti aýratyn bellenilip geçildi. Bu dialogyň döredilmeginiň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň jemgyýetde zenanlaryň ornuny ýokarlandyrmak babatda umumadamzat ähmiýetli syýasy garaýyşlaryny we tagallalaryny dabaralandyrandygy bellenildi.

Onuň gysga döwrüň içinde ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde zenanlaryň ornuny ýokarlandyrmakda, şeýle hem sebitiň zenanlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça tejribe alyşmakda netijeli sebit meýdançasyna öwrülendigi bellenildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 26.03.2025